# Kär hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kär hakynda hekaýat KÄR HAKYNDA HEKAÝAT

Hünärsiz ýaş ýigit bolupdyr birçak,
Kyn düşüpdir güzeranyn dolamak.

Höwes edip, dogry gelip gylygy,
Öwrenipdir demir ussaçylygy.

Ýasapdyr bir gowy orak, kätmen, pil,
Höwes bilen satyn alan uly il.

Yhlasly işläpdir bütin jan-tenden,
Hal-ýagdaýy gowulaşan kem-kemden.

Geljege ädensoň aýgytly ädim,
Bolupdyr durmuşy gül, düzüw adam.

Durmuşda bolsaň sen bir halal kärli,
Bolçulykda ýaşap, bolarsyň barly.

Eziz YKBAL. Goşgular